# Baharym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Baharym BAHARYM

Ýaşyl öwsüp läle açsa baglaryň,
Guwanar gülleri saňa Baharym.
Ümür gelip duman bassa daglary,
Guwanar ýelleri saňa Baharym.

Geleňde sowular sowuklar gyşlar,
Gaflatdan oýanar ýatan agaçlar,
Baglarda saýraşar müň dürli guşlar,
Guwanar dilleri saňa Baharym.

Sähralarda dürli otlar bitende,
Çopan göwnün joşdyr goýun bakanda,
Tüýdük çalyp kölden suwa ýakanda,
Guwanar mallary saňa Baharym.

Ýaz pasly jerenler oýnap bökmesi,
Çeşmeleň daglardan şarlap akmasy,
Halyçy gyzlaryň dokan dokmasy,
Guwanar elleri saňa Baharym.

Baýmuhammet GYLYJY. Goşgular